# Edebiýatça pul kömegini edip bolmaz

Category: Edebi makalalar,Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 24 января, 2025
Edebiýatça pul kömegini edip bolmaz EDEBIÝATÇA PUL KÖMEGINI EDIP BOLMAZ

Metin Jelalyñ 10-njy sentýabrda «Cumhuriyet» gazetinde çykan ýazgysyny gördüm we aýdýan zatlaryndan çen tutup, onuñ ýazyjy-şahyrlary döwlet pul sylagyna hödürleýän emin agzalardan biridigine göz ýetirdim.
Dogrusy, Metin Jelalyñ ýazyjylara pul sylagynyñ berilmegini goldaýan sözleri bilen ylalaşyp bilmedim. Munuñ hiç bir medeniýet bilen baglanyşygy ýokdur. Ýazyjynyñ «Eziz Nesinem pul alypdy» diýip, beýik ýazyjynyñ adyny tutaryk edinmesi ýalñyş, çünki gurama ýa-da sindikat hökmünde pul almak bilen şahsy derejede döwlet kömegini almak düýbünden başga zat.
Döwlet kömek etjek bolsa, garranda kyn ýagdaýa düşen ýazyja esewan etsin, ýa bolmasa talap edilýän ölçeglere laýyklykda kitaby çap edilen ýazyjyny ýaşyl pasport bilen üpjün etsin, ýazyjylar öýüni gursun, emma pul bermesin.
Ýazyjylar döwlete arkalanmakdan ýüz öwürmelidir. Dünýäniñ iñ demokratik döwletinde-de bu hakda pikir etmeli däl.
On bäş ýyl öñ Şweýsariýada ýazyjylara kanton kassasyndan pul berilýändigini eşdipdim:
Türk emigrantlardan biri şol ýerde ýazyjydygy üçin Türkiýede oñmandygyny, syýasy garaýyşlary sebäpli kowulandygyny subut etmek üçin Türkiýede fason (Contract manufacturer) neşirýatlaryñ birine bäş şaýa degmeýän goşgular kitabyny çap etdirýär, munuñ öwezine agzyñy uçuklatjak pul, megerem, kyrk müñ şweýsar frankyna golaý pul alýar. Hemme zatda öñde-de bolsa, türkler ýaly oýun-hile edip oñarmaýandygyna garamazdan Şweýsariýada edebiýatyñ nämüçin yza galýandygyna şol wagt gowy düşünipdim.
1934-nji ýylda SSSR-däki döwlet kömegini (SSSR Ýazyjylar

soýuzynyñ ýazyjylar üçin girizen ýeñillikli düzgünleri) ýada salyñ, bu ýagdaý sungatyñ ölen wagtyna gabat geldi: ajaýyp rus romany şol wagt ölüpdi.
Halide Edip bilen dil tapyşmak üçin, hernä, bir gezek berilen we şondan soñ bir gezegem agzalmadyk JHP Roman baýragyny ýada salyñ: döwlet bilen oñuşmaýan ýazyjynyñ döwlet bilen pully gatnaşyga giren ýazyjydan tapawudynyñ ýokdugy hemişe ýadyñyzda bolsun: ýaşyryn hak-heşdekden gün gören ahlaksyz humarbazlary unutmalyñ, üstesine olaryñ ýokary ahlagyñ nusgasy hökmünde häzirem depämize täç edilýändigi, okuw kitaplaryna atlary girizilip okadylýandygy hiç ýadymyzdan çykmasyn.
Eziz Nesin TYS üçin pul alypdy. Guramalar, sindikatlar, kinomatografiýaçylar pul alsa alybersin, emma edebiýat erkinlikdir, muny pul gatnaşygyna baglamak gelşiksiz. Ýazyjy hakyky ýazyjy bolanda haýsydyr bir kitabyny pula çalyşmaýar.
Ýazyjyny döwletden «kömek» ady bilen pul almaga öwrenişdirmäñ, erte haýsy despotyñ munuñ deregne näme talap etjegini hiç kim bilibilmez.
Kimiñ näme ýazjagy pully gapjyklaryñ ynsabyndan daşda bolmaly, pully gapjyga bolan aradaşlyk bulen ýazyjy erkinliginiñ arasyndaky gatnaşyga yşarat eden Karl Marksyñ sözi boýnumyzdan asylgy dursun. Beýik byradar hemme ýere burnuny sokanda, mundan hiç hili gaça durmaýan, bazar gatnaşyklaryna «tüýs ýüregi bilen» ynanýan çepçiler bilen ylalaşyp bolmaz: Munuñ wagty gelsin indi. «12-nji sentýabrdan» otuz dört ýyl geçensoñ gelsin.
«12-nji sentýabryñ» täze eýeleriniñ «ýazyjylara pul paýlaýançysy» bolmak hiç babatda-da tarapyny çalarlyk zat däl. Metin Jelal kimleriñ adyny gizländigini aýtmagyñ deregine, ilki şuny düşündirsin.

Gürsel KORAT.

Terjime eden: Has TÜRKMEN. Edebi makalalar